# Şeýle şahandaz iller bizde bar

Category: Edebi tankyt,Edebiýaty öwreniş,Ertekiler,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şeýle şahandaz iller bizde bar ŞEÝLE ŞAHANDAZ ILLER BIZDE BAR!

- Aýsapar Emelowanyň döredijiligi hakda

Şygryýet her bir ynsany tolgundyrýar: giň sähralardaky çopan-çoluklar, gök meýdanlardaky daýhanlar, zawod-fabriklerdäki işçiler, deňiz-derýalardaky balykçylar, harbylar, söwdagärler, ylym-bilim işgärleri, okuwçylar, talyplar… Garaz, bu gaýnap-joşýan umman kibi durmuşyň kenarynda galan ynsan ýok.

Şeýle joşgunly döwürlerde her bir adam üçin elmydama ýakyn bolan sungat herekete gelip başlaýar. Sungatyň bir geňsi tarapy, oňa baka hemmeleriň ýolunyň açyklygy, onuň her bir adamy çar ýandan gurşap alýanlygydyr. Asyl, ähli ynsanyň kalbynda sungatyň hasapsyz gory bar. Kimleriň bu hazynasy gozgalman galýar, kimler joşgunly pursatlary ýüze çykarýar, kimler bolsa ony işläp-bejerip halka ýaýýar. Adam ogluna iň ýakyn sungat poeziýa bolsa gerek. Onuň ömri hüwdüler bilen başlanyp, sanawaçlar, matallar, ýaremezanlar, küştdepdiler, öleňler, aýdymlar… bilen dowam edip, agy aýdymlary bilen tamamlanýar. Ynsanyň gaýry janly-jandarlardan dil bilen tapawutlanýandygy, erkin saýraýan diliň bolsa her ynsanda bardygy sebäpli, poeziýa hemmelere elýeterli.

Janly hem çeper diliň hut şu günki günde halk arasynda nähili derejede kämillige ymtylýandygyny öwrenmek üçin, ylham atyna atlanyp, Aziadanyň atlylary kimin, bagtyýarlykdan joşýan ýurdumyzyň çar künjegine şahyrana syýahata çykalyň. Maksadymyz – Watan mukaddesligi, ynsan mertebesi, yşk; gözlegimiz – zehin, talant, joşgun; wezipämiz – zehinleriň täze gorlaryny

açyp, ile, dünýä ýaýmak.

…Salkyn howaly, Aşyk Aýdyň pirli, üç ýüz altymyş öwlýäli, Mahmt Zamahşarly, Ysmamyt ataly, aýdym-sazly… Daşoguz.Ozaly bilen nazarymyz oba-şaherlerde ýollaryň kenarynda ekilen hatar-hatar saýaly daragtlarda, gökje otlar düşelen böleklerde, birgeňsi ekilen gül-gunçalarda eglenýär. Bu gözellikleri döretmäge Daşoguz welaýat Jemagat hojalygy birleşigininiň garamagyndaky Daşoguz şäher Arassalaýyş we abadanlaşdyryş trestiniň bag-bossanlaşdyryş işçisi, bag-bossançy şahyr Aýsapar Emelowa hem gatnaşýar.

Ýöne Aýsapar diňe bir töwerek-daşa däl, adamlaryň kalbyna-da gül ekmäge çalyşýar. Ýigrimi ýaşdan geçäýinçä, 2013-nji ýyla çenli goşgy ýazmak hakynda pikir hem etmedik bu gyzymyz Berkararlyk döwrüniň döredijilik ylhamy bilen joşýan ýaşlarynyň dünýäsine duýdansyz aralaşýar. Ol özlerini görmese-de, ýaş şahyrlar bilen habarlaşyp başlaýar. Şu tanyşlyk goşgy ýazmaklyk üçin badalga bolýar:

Biz bir ýere jemlenmedik hiç haçan,
Emma welin köp duşupdy pikirler.
Duýgulaarmyz tapyp birek-biregi,
Ylham derýasynda mejlis ederler.

Biz hiç wagt duşuşmadyk hiç ýerde,
Ýöne welin maksadymyz bir biziň.
Ýazanymyz kalba ýakyn şygyrlar,
Ýazmadygmyz ýüregmizde syr biziň.
(A.Emelowa “Şahyr dostlaryma”)

Şahyr dostlarynyň täsiri bilen ýakynda goşgy ýazmaga başlan A.Emelowanyň sadajadan gelen akgynly, içinde yşkly ýürek gürsüldäp duran şygyrlary bar. Käte okap barýarkaň, setirleriň biri-birine şeýle erkin seplenişini, bentleriň bir-biregi egin diräp goldaýşyny görüp, şu gyz şygyrda ulurak göwrümli eserlerem döredip biler diýip oýlanýarsyň. Ýitirilen söýgi hakda ýazylan goşgy dokuz bentden ybarat. Munuň özi liriki

şygyrlar üçin uzak. Ýöne gowy zat köp bolup bilmeýär. A.Emelowanyň goşgularynyň ýeňiljek hem täsirlidigi, gahrymanyň saňa ýürejigini açýandygy sebäpli okap barýarkaň ýadamaýaň.

Öýkeledi bagtdan, näryza yşkdan,
Senden welin üzdi eýýäm tamany.
Bu setirler saňa ýazlan şygyr däl,
Bu biziň,… ýok, meň söýgümiň “Tamamy”.
(A.Emelowa)

“Ylham” seýilgähinde ilkinji bolup, örboýuna galyp duran aşyk, halky dilde ilkinjileriň hatarynda ýazyp başlan Garajaoglanyň döredijiligi şeýle bir halka ýakyn, şeýle bir akgynly hem owadan. Onuň garaýylary (türkmen halk döredijiligine mahsus, Hoja Ahmet Ýasawynyň, Magtymguly Pyragynyň söýgüli şygyr görnüşi bolan goşuk Kiçi Aziýa türkmenlerinde şeýle atlandyrylýar) ýöne bir okap barýarkaň-da, öz-özünden owazlanýar. Bu tebigy hem mähriban ýoda ýollara ulaşyp gitdi. Birtäsin ýeri bu ýol hiç wagt hiç kimi ýadatmaýar, her döwürde döwrebap ýaňlanyp ýaltanmaýar. A.Emelowanyň “Ähmiýetsizlik” atly goşgusy biygtyýar bu ýoly ýada saldy. Bu gaýtalama ýa öýkünme däl. Biz bu ýerde tolgunyp duran gyz ýüregini görýäris:

Tozap ýatyr şol köneje ýodalar,
Gelmejegňi duýsa kalbym ot alar,
Emma seni getirmejek ýodadan
Ýöränimde näme, duramda näme?!
(A.Emelowa)

Goşgulardan diňe birki bendi mysal getirsek-de, hakyky lezzeti diňe goşgyny doly okanyňda almak mümkin.

Ýaşlar gözlegde. Ýokarky bentdäki ritoriki soragy bendiň başynda goýup, şygryň täsirliligini has-da artdyrmak mümkin. Bu aslynda, Gorkut ata döwründen bäri türkmen edebiýatyna mahsus ýagdaý. A.Emelowa şeýle emeli ussatlyk bilen ulanmagy başarypdyr. Onuň özi bu forma babatynda pikirem eden däldir,

belki. Belki, gadymdan gan bilen gelýän milli ýörelgeler öz hyzmatyna girişendir?!:

Seni düýşümde gördümmi?!
Göz öňüme geldi ýylgyryp durşuň.
Sen tarapa ädim ädesim geldi,
Emma, aýaklarym birgeňsi gurşup,
Saňa gitmegime garşy ýalydy,
Garşy ýalydylar duşuşmagmyza,
Bu düýş bolsa, belki, oýanamdan soň
Bagtyň ýodasynda duşuşarys-a?!
(A.Emelowa)

Bu sowal indiki bentleriň hersiniň başynda ýaňlanýar we okyjyda joşguny, täsirlenmäni, heserlenmäni oýarýar. Ritoriki soraglar A.Emelowanyň beýleki goşgularynda-da ýerlikli ulanylypdyr:

Seni bilmän ynjytdym men,
Özüm bilmän ynjytdymmy?!
Saňa duşup unutdym men
Lälikligmi, ynjyklygmy.
(A.Emelowa)

Şu pikiri nygtamak maksady bilen getiriljek mysaly aljak indiki goşgymyz sadalygy, akgynlylygy, joşgunyň möwç urýanlygy bilen tapawutlanýar. Ýönekeýje sözler, sözlemler, setirler bir-birini goldaşyp, biri-birine sepleşip eňip barýar. Ahyrynda, bularyň hemmesi jemlenip, sazlaşykly urup duran bir ýüregi ýatladýar. Janly gyz ýüregi. Şonuň üçin bu goşgudan bir-iki setirini däl-de, dolulygyna okasak gowy:

Ýürek saňa amanatdyr,
Ömrüm saňa serpaý bolsun!
Diýdim, diledim Alladan:
“Dileglerim berjaý bolsun!”
Söýgüňe ömür diledim,
Ynam diledim kalbyňa.

Emma, sen ne meni söýdüň,
Ne ynam bagladyň maňa.
Arman, maňa düşünmediň,
Wah, maňa bir düşünsediň…

Öz dünýämi terk eýledim,
Göçüp bardym seň dünýäňe,
Meň söýgimi duýmaz ýaly,
Sen kör ýa-da bir güň däl-ä.
Gün kän-ä ýüregňi açmak isleseň,
Men diňlärin lal açan deý, ses-üýnsiz.
Sabyrly bolaryn giň ýürek bilen,
Sen maňa bolsaň-da juda rehimsiz.
Arman, maňa düşünmediň,
Wah, maňa bir düşünsediň.

Sen gideňsoň meň dünýäme,
Aralaşdy geň tukatlyk.
Duýgularym sygman dünýä,
Bolup barýar bir kitaplyk.
Seni bilmän ynjytdym men,
Özüm bilmän ynjytdymmy?
Saňa duşup unutdym men
Lälikligmi, ynjyklygmy.
Ynanjymy saňa baglap,
Diňe saňa ynandym men.
Arman, maňa düşünmediň,
Wah, maňa bir düşünsediň…
(A.Emelowa)

Hem şu goşguda, hem beýlekilerde awtoryň zenan maşgaladygyny, onda-da kalby yşkdan, söýgüden joşup duran gyzdygyny soraman biläýmeli. Goşgularda bu barada habar berýän, ümleýän haýsydyr bir habaryň, maglumatyň ýoklugynda onuň awtorynyň nähiliräk adamdygyny, kimdigini aňlap bolýan bolsa, bu şahyryň kämillige tarap ymtylýandygyny aňladyp biler. Şunuň özi bu gyzyň şygryýetde öz ýoluny tapjakdygyndan nyşan bolsa gerek.

• Allanur Çaryýewiň döredijiligi hakda

…Pendi sährasy, Bathyz, ülpüldeşýän çigildemler, gözýetimde göze ilip, zym-zyýat bolýan keýik-gulanlar, dünýäniň tizligini piňine alman pyşdyldaýan parasatly pyşbaga, bu gözellikleri al howadan synlap uçýan bürgüt… Daň-säherde örüp, sähranyň derman otlaryny birgeňsi owaz bilen otlaýan goýun sürüsi, süriniň bir gyrasyndaky alaňda taýagyny egnine, iki elinem taýagyna atyp, hem sürini, hem dünýäni synlap, uzaklara seredip duran ýigit bolsa biziň tanyşmaly çopan-şahyrymyz Allanur Çaryýew. Ol özüni gurşaýan şu gözellikleri inçeden duýýar, bularyň barynyň Watan diýen bir beýik düşünjäniň parçalarydygyna ynanýar. Şonuň üçin onuň "Watan" sözüni bir gezek hem agzaman ýazan Watan hakyndaky şygry şeýle ynandyryjy:

Ejem janyň söýgüsi dek her säher,
Mähir bolup gözlerimde ereýäň.
Epen dyzym topragyňda ýer eder,
Nirä ýörsem, seň goýnuňda ýöreýän.

Hakyky söýgi gohçul bolmaly däl, ene ýeriň özi ýaly agras, bir uly ýşkyň sessiz-üýnsüz älemi sazlaşykda aýlap durşy kimin, asylly, saldamly bolmaly. Adyny gaýtalap gygyrýanlygyň seniň söýgiňiň belent ýa çuňlugyny aňlatmaýar, gaýta munuň özi pöwhe ýaňlanýar. Nusgawy edebiýatda ene, aýal dogan baradaky goşgular seýrekdir, sebäbi erkek adamlar bu kalbyňa juda ýakyn ar-namys derejesinde görülýän mukaddeslikleri dile alyp ýörmäge-de ejap edipdirler. Käteler ýowuz daraýan parasatly sähranyň paýhasyny şygryna siňdiren Allanuruň goşgularynda-da ýagdaý şeýle.
Orta asyrlaryň belli bir döwründe şygryýet halkdan daşlaşdy, diňe belli bir gatlagyň wekilleriniň özara gyzyklanmasyna öwrüldi. Meňzeşlikere kowalaşyp, diňe şygryýet üçin şygyr döretmäge çalyşmak howpy ähli döwürlerde-de bar. Bu jadylanan halkadan çykmagyň ilkinji şerti öz ýürejigiňi söýlemekdir, gözüňiň görýän, ýüregiňiň uýýan, özüňe juda ýakyn, özüňi şeýle tolgundyrýan wakalary, hadysalary açmakdyr, şygryňy adamlaryň belli bir topary üçin däl-de, tutuş halk ýüzlenip, hut öz içki

dünýäňi ýaýmak üçin ýazmakdyr. Ýüregiňi näçe çuň açdygyňça, okyja şonça ýakynlaşarsyň. Okyjy özüne göze görnüp duran peýdany getirmeýän şygyr setirlerini gözlerini ýadadyp, wagtyny sarp edip näme üçin okaýandyr öýdýärsiňiz?! Ol özüni gözleýär, öz aladalaryny, gaýgy-gussasyny seniň şygryň bilen egismek isleýär. Ikiňiziň-de adamdygyňyz sebäpli, ikiňizi hem şol bir meseleler tolgundyrýar. Diňe ýeri, wagty, töweregi başgadyr. Ýene-de, halkylyga, tebigylyga dolanmak, halky dilde geplemek, duýgularyňy umumy görnüşde däl-de, anyk adamyň dilinde açmak hem zerur.
Ýaş çopan ýigidimiz A.Çaryýew aýazly günde ýyljak peje aýagyny çoýup oturan, iki sany pälwan agasy bolan gyza şeýle maslahatlar berýär: içiň gyssa daýzaňyzyň lälik gyzyny çagyraý, sallançakda gözi ýumlup barýan “körpe hany” üwre (arasynda ýigit ýürejiginem açyp goýberýär: “Üwre şony, bolman durmaz saňa-da // Bahanamyz akja bäbek etseňem”), şony üwreseň, gelnejeňem razy bor, (ýene-de, şahyr bir täsin pelsepäni orta atyp goýberýär: “Sallançagy üwremekmiş ynsanyň // Edip biljek iň mukaddes azaby”)… Garaz, şeýle. Ýöne bulary nygtany bilen söýýän ýigdiň gursagyndaky howsala azalaýanok. Geläýmeli ahyry, bir wagtjagaz tapyp, sowuk günde gaýry bir işem ýok ahyr! Nädip gatyrganmajak:

Kitap oka, goşgy ýazyp bolmanda,
Ýürekdäki diýjeklerňi boşatgyn.
Daş çyksaňam, ýyly geýin, bolýamy?
Üşäýmegin, janjagazy “toşap” gyz.
(Seret bu gün…)

Sada, ýönekeý, owadan, her bir ýaş ýigitde gabat gelip biläýjek ýagdaý dälmi?!
Rim edebiýatynyň görnükli wekili Wergiliýniň “Çopan aýdymlary” atly ýygyndysy bar. And daglarynyň gözel tebigatynyň goýnunda görmegeý ýaş ýigit gyz hakynda aýdym aýdýar. Bakyp ýören mallary, dürli ot-çöpler, daragtlar, guşlar, jandarlar, akar çeşme ýigdekçäniň derdini paýlaşýar. Hemme zat şeýle bir janly, hereketde we täsirli. Biziň çopan ýigidimiziňem baş

aladasy – gözel gyz. Ol hyýalynda gyzyň keşbini çekýär. Tebigatyň kanuny seni gürjümme şäherde öz günüňe goýýarmy, hut öz goýnunda erkiňe goýar ýaly?! Ýigidiň ýadyna hoşlaşyk pursatlary düşýär:

Duýup galdym bu dünýäniň darlygyn,
Haçan-da sen goýbereňde elimi.
(Sensizlik)

Diňe ýatlamalar bilen galaýmak juda kyn bu düňle çölde. Ýene-de, aragatnaşygyň başga serişdeleriniň işlemeýän ýerinde, nusgawy edebiýatymyzdaky ýaly, şemal kömege gelýär.

Uzaklardan sözleşeli ikimiz,
Şemallary çapar edip arada.
Ýöne bolsun gürrüňmiziň ählisi,
Bir biregi bagyşlamak barada…
(Bagyşla)

Ýöne şu boýnyýogyn ýar bilen düşünişmek aňsat däl. Soňra telim gaýta dolanjagyňy bilseň-de, onsuz ýaşaýşyň ýoklugynyň hakykatdygyny aňsaň-da, üznüksiz näz-kereşmeler käte degnaňa degýär. Teý ahyr, Aşyk öz-özüni boýun edip, ýarsyz ýaşaýyş hakynda oýlanyp başlaýar:

Bagtym diýip begenemde,
Özge bolar deregiňde,
Dogulmandym geleniňde,
Gideniňde öler ýaly…
(Gyz haty)

Bu bir içi ýananyň gepi ýöne. Onsuz ýaşaýyş ýok.
Biz şu ýerde Allanuruň, onuň deň-duşlarynyň öz döredijiliginde türkmen tebigatyny, bizi gurşap alan dünýäni has içgin açmagyny arzuw edýäris. Söýgiňi, duýgyňy şu dünýäniň goýnunda açsaň, şygryň ynandyryjylygy artýar.
Ýaşlaryň döredijiliginde pelsepewi häsiýetiň ýüze çykmagy gowy ýagdaý. Pelsepe goşgularyňy, döredijiligiňi edebiýatyň taryhyna ýazmagyň esasy şertleriniň biri. Sebäbi pelsepe ähli

ýaşaýşyň özenini öwrenmäge çalyşýar. Allanur Çaryýew özüniň bu durmuşdaky ornuny gözleýär. Adam bolup ýaşamakdaky iň kyn gözlegleriň biri bu. Özüni tapan älemi tapar. Okabilenini okan, öwrenibilenini öwrenen Ibn Sina şeý diýýär:

Gara ýerden asman jisimlerne çen,
Älemiň syrlarny bilebildim men.
Ýöne welin, bilýänmi men özümni,
Özümi hiç bilmeýänim bildim men.
Aşakdaky bent bolsa Allanuruň gözlegi:
Gowluk hakda tutarygy az bolan,
Ýamasy köp, ynsan diýen eşigmiň.
Gyryp ençe arzuwlarmyň ganatyn,
Göge bakyp ýerdeligme düşündim.

Käteler şahyry ýalňyzlyk basýar. Diňe şahyry däl, aslynda. Her bir adamy basýar ýalňyzlyk. Adam özüne şu uly dünýäde orun tapmaýar. Ylahdan gelen howsalamy bu?! Ýa bir jady-jögüleriň oýnumy?! Ýa-da, adamzadyň hut şu bolşuna ýeke-täkligi, elýeterinde, gözýeterinde, aňýeterinde başga bir özüne tutuşlygyna meňzeş birsäniň ýoklugy üçin şeýlemikä?!

…Nirä baksam mähir küýsän dideler
arzuwlarny gussalarna düşeýän.
Halys indi sowuklykdan ýadadym,
Halas ediň, men şeýlebir üşeýän.
(Sowuklyk)

Bu goşguda ýazgasty çagyryş bar: “Adamlar! Bir-birekden daşlaşmaň, bir-biregi söýüň, sowuklyk bizi dirilikde öldürer!”. Adamzat köp zatlar edindi, esasy zat bolsa ýatdan çykdy. Ýöne şol esasy zat – mähir bolmasa, bize adamzat diýip bolarmy?! Ýaradylyşymyz mähir bilendi, dowamatymyz-da mähre eýlenmelidi, ahyry! Bu goşgyny dolulygyna okanyňda, Mäne baba, Ýunus Emre, Nesimi, Pyragy… kimin pirlerimiziň ynsany söýmek baradaky pelsepeleri, “Tut, elimden, galdyr meni, // Köp aglatdyň, güldür meni” diýip, mähir küýsemeleri ýadyňa düşüp gidýär. Gahrymana duýgudaşlyk bildirip, ýüregiň gyýylýar.

Diýmek, goşgy öz işine girişip başlady. Okyjy mähir paýlamana, mähir almana ymtylýar.

Wagt hem giňişlik düşünjeleriniň içinde ýaşaýarys. Olardan gaçyp gidere ýerimiz ýok. Bu hakykatyň şygyrlarda dürli palitrada şöhlelenmesi zerur.

…Sönüp gitdi perwananyñ oýny dek,
Ýalan dünýäñ ahmyrynda ga:lganym.
Sen beze bolmajak arzuwlarymy,
Menem seniň düýnleriñde aglaryn.
(Bagyşla)

Arzuwlar ertäňki, ahmyrlar düýnüňki. Arzuwlar-a bitmejekden bolsa-da, gowulykdan nyşan – olar ýaryňky bolsun, ahmyrlar agyr bolsa-da, goý, özümiňki bolsun, ýara derdim ýetmesin. Düýni, şu güni hem gelejegi arzuwlarydyr ahmyrlary bilen çugdamlan şu çylşyrymly bende şeýleräk düşünmegem bolar.

Guwanmaly ýeri ýaşlaryň arasynda bir edebi sreda döredi. Olar goşgulary alyşýarlar, pikirlerini aýdyşýarlar, zerur ýerinde batyrgaý jedelleşiberýärlerem. Bir döwürler G.Ezizow, H.Kulyýew, I.Nuryýew, A.Agabaýew ýaly şahyrlaryň durky bilen söz mülkünde ýaşaýşy ýaly. Şeýle döwürlerde diňe bir öňki şahyrlardan däl, eýsem, döwürdeş şahyrlardan täsirlenme ýaly ýadgdaýlar hem döreýär. Batyrgaý, dyzmaç, Amyderýa mysaly kenaryny üýtgediberýän şygyrlary bilen tanalyp, şygryýetde öz ýüzüni, öz sözüni aýdyp ýetişen S.Geldiýew bilen ýoluň gözleginde pelesaň kakýan A.Çaryýewiň goşgularynda aşakdaky ýaly çalymdaşlyk bar. Şahyrlaryň ikisi-de döwrüň, ylym-tehnikanyň täzeligini – el telefonlaryny duýgyny açmak üçin detal hökmünde ulanypdyrlar.

S.Geldiýew:
Aýt, hany,
Dogryňdan gel-de, aýt maňa,
Gussalarňy durmuş basyp, ýitmänkä.
– Näçe gezek meň belgime jaň edip,
Öçürip agladyň gudok gitmänkä?!

A.Çaryýew:
…Dogrusy, men hakda arzuwňy gizläp,
Senem öz göwnüňi aldamadyňmy.
Ýa-da soňky gezek jaňymy alman,
Gyzyl düwmä basyp aglamadyňmy?!

Goşgular ýigidi söýen, emma bir sebäp bilen arany kesmeli bolan gyz hakynda. Şu ýerde “bu ýagdaý edebi täsirlenmemi ýa-da öýkünme” diýen mesele örboýuna galýar. Edebi täsirlenme hemme döwürlerde, ähli ýerde bar. Edebi täsirlenme edebiýatyň ösmeginiň, kämilleşmeginiň bir şerti. Näçe özboluşlylyga ymtylsa-da, şahyr adamzat atly bitewi bir göwräniň bölegi. Türkmen edebiýatynyň taryhynda joşgunly bir edebi sredanyň dowam eden döwründe ýaşan Magtymguly Pyragyda akyldar şahyrlaryň köpüsinden täsirlenme bar. Akyldaryň özi hem “San bolsam” atly goşgusynda muny ykrar edýär. Ýokarda getirilen iki goşgynyň soňunda täze döwrüň önümi bolan, adamlara her bir pursatda bir-birege ýakyn durmaga ýardam edýän “ykjam telefon” detalynyň çalymdaş ulanylandygyna bakmazdan, hersi aýratyn bir pafosda ýazylan we her goşgy diňe özüne mahsus lezzeti berip bilýär. Eger döwürdeş şahyrlarda bir-birekden täsirlenme bar bolsa, munuň özi şol döwrüň şygryýetiniň belli bir derejä ýetendigini aňladýar.

• Myrat Gurbanowyň döredijiligi hakda

At başy türkmen gündogaryna tarap. Şaglap akýan çeşme-çaýly, müň bir syrly gowakly, dinozawr yzly Köýten dagy, gadymýetden habar berýän Astana baba, Dargan baba, Mäne babanyň hyrka geýen şäheri Amul, Amulyň dowamaty bolan, boz bulanyp akýan Jeýhuny boýlap oturan Türkmeniň abat şäheri, “Dünýä bazar” adyny alan uly bazar… Bu bazarda halkyň synasynyň hem geýim-gejiminiň päkligi üçin zerur bolan dürli serişdeleri söwda edýän telekeçi-şahyr Myrat Gurbanow hem işleýär.
Ýöne Myrat Gurbanow diňe bir synalaryň, geýim-gejimleriň arassalygy üçin däl, eýsem, adamyň ruhy dünýäsiniň päkligi üçin hem yhlas edýär. Onuň goşgulary sagdyn pikirleri halky gepleşikde çeper aňladýandygy bilen tapawutlanýar. Rim

edebiýatynyň wekili Plawt teatry goýup, söwda bilen meşgullanmakçy, öz telekeçilik işini ýola goýmakçy bolupdyr. Şu maksat bilen ol tutuş ýurdy, goňşy ýurtlary aýlanyp çykypdyr, dürli kynçylyklary görüpdir, dürli wakalara uçrapdyr we, ahyrsoňy, ýene eser ýazmaklygyny dowam etdiripdir. Ýöne hut şu durmuşa içgin aralaşmaklygyň özi onuň eserleriniň örän özboluşly bolmagyna ýardam edipdir. Şol döwrüň bazarlarynda bar bolan hünärler, harytlar, adamlaryň geýim-gejimleri, alyjylaryň-satyjylaryň özara gepleşikleri Plawtyň eserlerinde şeýle bir baý hem janly ýaňlanýar. Ýa-da, Maksim Gorkiniň, Jek Londonyň eserleriniň meşhurlygy olaryň durmuşyň ýowuz gazanynda gaýnandygy bilen bagly.
Edil beýle derejede bolmasa-da, Myrat Gurbanyň goşgularynda-da halky gepleşige ýakynlyk bar. Goşgularda seýrek ulanylýan sözler öz ýerinde jaýdar peýdalanylypdyr. Diňe bir goşguda ulanylan sözlerden mysal getirýäris:

…Ykbal umytlarmy ýele galgatdy,
Ýylgyryşlaň ýalňyz galan teperrik.

***

…Päk söýginiň pitresini bereňde,
Ýakar seni bu döwranlaň sowlany.

***

…Men bir söýgiň ýowuz şarpygyn dadan,
Ölüp bilmän bolup galdym janderdi.

Kär-hünäriň döredijilige täsiri gürrüňsiz. Şahyr özüne ýakyn, gözüniň görýän, ýüreginiň syzýan zatlary, başdan geçiren wakalary hakynda gürrüň gozganda, şygyr has ynandyryjy bolýar. Asla, o zatlar biygtyýar halda şahyryň şygyr dünýäsine siňmeli. Şygryýetiň aralaşmaýan ýeri, ylymy, kär-hünäri ýok. Şonuň üçin antiki döwürde günbatarda, orta asyrlarda gündogarda dürli ylymlara bagyşlanan eserler goşgy bilen ýazylypdyr. Şonuň üçin Aristotel özüniň “Şygryýet” atly işinde ilki bada çeper edebiýat bilen beýleki ylymlaryň, şahyr bilen

alymyň arasyny açmaly bolupdyr. Myrat Gurbanyň döredijiliginde-de söwda, matematika bilen bagly goşgular bar. Ýöne bular birwagtkylar ýaly şygyrda ýazylan ylym däl. Bular, has dogrusy, ylymda ýazylan, ynsan duýgusyna täsir edýän şygyrlardyr. Meselem:

Söýgüde hemme zat takyk bolmaly,
Köpelmeli, bölünmeli soňra-da,
Goşulyp, goşulyp oba bolmaly,
Aýrylyp gitmeli Hudaý sowmasa.

Bölüji bölünijiň hamyrmaýasy,
Köpeldiji köpelijä deňdir-le.
Hasap takyk bolsa, bolmaz yrýasy,
Bulaşaýsa, tapawudy geňdir-le.

Hasap tutup ýaşamaly günleri,
Goý, dostlaryň sany ýitipler geçsin.
Hemem hiç sanaman gysyň elleri,
Sany näçä ýetse, ýetipler geçsin.

Awtoryň soňky bentdäki gowy dilegleriň gargyş görnüşinde aýdylmagyny täze tapyndy hökmünde täsirli aýtmak niýeti bilen ýazan bolmagy-da mümkin. Emma bu setirler goşgynyň estetiki täsir ediş, gözellik derejesini peseldipdir.
Ýaşlar, köplenç, öz aladalary bilen ýaşaýarlar. Bu ýagdaý olaryň goşgularynda-da şöhlelenýär. Şu ýerde-de ýaşlaryň döredijiligine ýetmezçilik edýän esasy mesele ýüze çykýar. Şahyr diňe özüniňki däl. Ol il-güne öz dünýäsini açýar. Il-günem goşguda diňe bir galyp gözelliklerini däl-de, öz aladalaryny, dertlerini görmek isleýär. Okyjy bir goşgyny okap tolgunýan bolsa, şol goşguda gozgalýan meseläniň bir tarapy hut onuň öz durmuşyna-da degýändir. Diňe öz dünýäňe ulaşyp galman, töwerek-daşyňam duýup ýaşamak şahyryň goşgularynyň ömrüni uzaldýar. Okyjyny aldap bolmaýar. Diňe özüňi söýüp, diňe özüňe gynanylyp, öz aladalaryňa çolaşylyp ýazylan goşgular uzak ýaşamaýar. Bu ýerde hususylygyň umumylaşmasy lazym. Edebiýatyň taryhynda yz goýmagyň ýeke-täk ýoly şu.

Myrat Gurban “Serhoşuň içgepletmesi…” atly goşgusynda sagdyn durmuşy alyp barmagy wagyz edip, öz jemgyýetçilik ornuny tapmagyň ýoluna düşendigini görkezýär. Azaşana hut azaşanyň öz gözi bilen gynanmaklyk okyja güýçli täsir edýär. Şeýle aladasy bolan ençeme okyjylar bu goşgyny okap, oýa batsalar gerek.
Umuman, Myrat Gurbanowyň goşgulary pikirleriň örän anyk, täsirli, çürt-kesik berilmesi bilen tapawutlanýar. Şonuň üçinem, käbir setirler birinji gezek okanyňdan ýatda galmaga ukyply. Ine, ýaryny ak ýürejiginden ezilip-ezilip söýen aşyk ýigit özüni terk eden magşugyna goşgynyň “bissimillasynda” şeýle “haýbat atýar”:

Seňem bir gün içiň gysar, görersiň,
Duýarsyň bir zatlaň ýetmeýänini.

Ykbalynda şeýle pursatlar bolup geçen ýigitleriň hakydasynda galjak bu setirleri okanyňda, “gülden näzik ýaňaklaryň wagty geçse, har bolup galar” diýip zeýrenýän aşygymyz Kemine biygtyýar ýadyňa düşüp gidýär.

• Mätgurban Mätgurbanowyň hem-de Maksat Hudaýberdiýewiň döredijiligi hakda / makaladan bölek

Ähli türkmeniň, ak ýürekli adamzadyň ýoly ýurdumyzyň ýüregine – Aşyklaryň abadan şäherine baka! Günsaýyn özgerýän guw ýaly jowur ak şäher gözleriňi gamaşdyrýar, ykdysady, medeni durmuş gaýnap-joşýar… Paýtagtyň gözel goýnunda ýerleşen Türkmen döwlet medeniýet institutynyň Sungat studiýasynda diňleýji talyp-şahyrlar Mätgurban Mätgurbanow bilen Maksat Hudaýberdiýew hem okaýar.
Ýaşlaryň kalby Watana bolan söýgüden doly. Bu söýgi endik edinilen gury owazlardan ybarat däl, kalplaryň çuňňurlygyndan çykýan duýgy. Bu Watany wasp edýän ýüzlerçe şygyrlaryň içinden diňe hakyky duýgularyňy sözläp saýlanyp bolar. M.Hudaýberdiýew saýlanmaga ymtylypdyr:

Ilki emedekläp, soň aýak diräp,
Soňra ellerimiň güýç alan ýeri.

Bedenime seniñ topruñ garyşan,
Nämäni söýeýin senden ileri?!
(M.Hudaýberdiýew,“Watan”)

M.Hudaýberdiýewiň goşgularynda duýgular şygryň kadalaryna, bogna, kapiýa, bende kynlyk bilen boýun egýärler. Şol bir wagtyň özünde goşgularda başdan-aýaga çen bir sazlaşyk-ritm saklanýar. Munuň özi goşgulara joşgunlylyk berýär. Edebiýaty öwreniş ylmynda türkmen şygryýetine ak goşgynyň günbatar edebiýatyndan aralaşandygy nygtalsa-da, hakykatda, bu galyp türkmen edebiýatyna gadymdan bäri mahsus. Iň aýdyň mysallaryň biri gadymy “Gorkut ata” eposydyr. Bu eposda awtoryň sözi hem, gahrymanlaryň gürleýşi-de, ak goşguda berlen. Aslynda, ak goşgy ynsanyň öňi böwetlenip goýlan, birdenem böwsülip gaýdan pynhan duýgularynyň hiç bir zada garamazdan, ýagty dünýä şaglap inmegidir. Bu adam ogly ýürek joşgunyna çydap bilmedik ýagdaýynda şeýle bolýar we bu ýerde galyp tutuşlygyna duýga hyzmat edýär. Zenanlaryň agy aýdymary şeýle görnüşiň aýdyň nusgasy. Şonuň üçin bu galyp türkmen goşgularynda örän tebigy ýaňlanýar. M.Hudaýberdiýewde şeýleräk pursatlar bar. Ýöne bu mysal getirjek goşgymyzda duýgular şeýle joşgunly açylsa-da, olary adaty dörtleme bentlerine öwürmek kyn däl:

…Gör-le, bu gijeleň, sowuk gijeleň
Gyzgyn pikirlerme ýugrulaýşyny,
Birmahalky, özüm ýaly, bigeleň,
Kemter oýlarymyň sowrulaýşyny,
Hem asmana siňen aşyk gözlermiň
Oýnaýşyny, misli mawy deňiz deý,
Gör-ä, häzir akyşyny sözlermiň,
Durlanarly däl bu başym henizler!
Gar deýin eredýär kalbyň doňlarnam
Tümlükdäki näzikligiň ýakymy,
Atmasyny kynlaşdyrýar daňlarňam
Uka giden duýgularmyň akymy.
Entek sowap ýetişmedik kofämiň
Şu pursatky tagamyny diýsene!

Kä üşeýär, käte gyzýar bu tenim,
Bu yşkmydyr?
Yşk bolmasa, eýse nä?
Eýse nä, gudratmy – gijäniň ýary –
Şo bir wagtda şo bir duýgy her agşam?
Hem-ä lezzet, hemem berýär azary,
Ýa-da bu ylhammy – ençe ýol aşan?
Megerem, şeýledir, wah, ýöne, arman,
Höwürdeş tutunyp, bolup janserek,
Ejemiň niýetlän körpeçesini.
Geçirdim duşumdan, duýmaga derek,
Şeýle pursatlaryň, gör, niçesini?!..
(M.Hudaýberdiýew “Pursat”)

Sekuntlar, pursatlar hakynda çuňňur oýlanmak zerur. Her sekundyň öz tagamy bar, her sekunt uly bir ykbaly çözüp bilýär. Ýokarky şygyrda M.Hudaýberdiýew bir pursaty janlandyryp, şol pursata özüniň iň esasy duýgularyny, aladalaryny siňdirmegi başarypdyr. Bu goşgyny bölüp okamak bolmaýar, ol bir demde okalmaly. Akyldaryň “Pursat! Saklan! Sen nähili ajaýyp!” diýşi ýaly, bu şypaly agşamyň pursatam özüniň ähli aladalary bilen bilelikde juda hoştap.
Ak goşgudaky ýaly joşgunly ritm M.Mätgurbanowyň aýdymçy Gözel Öwezowa tarapyndan “Türkmen owazy” teleýaýlymynda ýerine ýetirilen aýdymyndan täsirlenip ýazan goşgusynda-da bar:

Bir sen bilýäñ…
Aglaýanmy,
Ýaş aýlaman gözlerime.
Sen düşünýäñ meniñ heniz,
Aýdylmadyk sözlerime.
Ýüz ýerine ýara salnan,
Ýüregimiñ ahwalyn-da.
Hemaýata garaşanlam,
Peýdalanyp ahmalymdan.
Gidenini bir Sen bilýäñ.
Hem meniñ niçik galanmy.

Suwa dönen sabrymyñda,
Ýarysyn içip
galanny
Dökenimi bir sen bilýäñ.
Ökünenmi bir sen bilýäñ.

Bir sen çekýäñ,
Meniñ ýersiz,
Öýkelek hem hötjetligmi.
Ýöne senem eliñ salgap,
Belki, gülüp, belki, aglap,
Bir güni taşlap gidersiñ,
Bir men bilýän gitjekdigñi.

Şahyr söz bilen surat çekýär. Onuň suraty janly bolmaly. Her suratkeşiň diňe özüne mahsus bir ýolunyň bolşy ýaly, durmuşyň bir pursatyna aýratyn üns berşi ýaly, M.Hudaýberdiýew gijäniň, ýalňyzlygyň, ümsümligiň ruhuny kalplardaky howsalalara gaplap bermegi başarýar. Ine, şahyryň “gözelligiň efirini” janlandyryşy:

Ýene tukatlygyñ böwrüni diñläp,
Otagmyñ giñ açyk penjiresinden
Otyryn “derdimi” Aýa güjeñläp,
Goý, olaram biraz eljiresinler.
Çygly howa hoş ýakanok köñlüme,
Öl bolansoñ gözlerimiñ garasy.
Bikesi deý zeýrenip dur, gör, ýene,
Kireýine bolýan öýmüñ çyrasy.
..Uzaklara süýnüp giden nazarym,
Şäher içre eglener kän wagtlap,
Siñe diñläp Suhanberdiñ gazalyn
A:jap giden gök çaýdan kä owurtlap,
Tabyn edip pikirlermiñ mülküni
Şahyrlarça oýlamakçy bolýaryn,
Onda erkin ýatan ýaryñ zülpini
Oýlarymda oýnamakçy bolýaryn…
(M.Hudaýberdiýew “Gözelligiň efiri”)

M.Hudaýberdiýewiň beýleki goşgulary ýaly, bu goşgy hem şeýle bir täsirli metaforalara, deňeşdirmelere, meňzetmelere, janlandyrmalara baý: tukatlygyñ böwrüni diñlmek, “derdiňi” Aýa güjeñlemek, dertleriň biraz eljireýşi, gözleriň garasynyň öňdenem öldügi sebäpli çygly howanyň ýakmazlygy, kireýine bolunýan öýüň bikesi deý çyranyň zeýrenip durmagy, pikirleriñ mülküniň tabyn edilmegi, erkin ýatan ýaryñ zülpi… (Soňky erkin ýatan ýar “Yşk mülküniň şasy” Mollanepesi ýatlatdy).
Şahyryň dünýäsiniň baýlygyny, onuň köp meseleleri başdan geçirendigini, durmuş mekdebinde gaýnandygyny ýa-da gaýnap ýörendigini bilmek üçin anyk bir temadan ýazan goşgusyny okamak hökman däl. Aýdalyň, onuň maddy hal-ýagdaýy, durmuşy temadan gürrüň gozgap bilşi yşk-söýgi temasyndan ýazan goşgularynda ýa-da pelsepewi häsiýete eýe bolan goşgularynda ýüze çykyp biler. Asyl, şeýle-de bolmaly. Hiç bir zadyň özbaşdaklykda dowam edip bilmeýşi ýaly, bir temadan ýazylan goşgularda dürli temalaryň bildirgisiz öz ýüzüni görkezmegi şahyryň dünýäsiniň nähili derejede baýdygyny aňladýar.

Ýagyş siñmän galan inçe ýodadan –
Sabyr diläp teýi ýuka köwşüme,
Barýaryn men yhlasymy ýadadan
Basyp ýeriñ gamdan doly göwsüne.
Ne bir yş bar,
Ne bir yşk bar bu gije,
Aýdymlaram mazasyny ýitiren.
(M.Hudaýberdiýew “Ahwal”)

Teýi ýuka köwşi, ýeriñ gamdan doly göwsi, yşsyz, yşksyz, mazasyz gije şahyryň kalbynda bir täsin howsalany, umytsyzlygy oýarýar. Biz – okyjylar liriki gahrymanyň ne dertlere uçrandygyny bilmeýäris. Asla, muny bilmek şeýle bir zeruram däl. Ýöne başga bir zat anyk belli: şeýleräk pursatlar bir aladaly, ýalňyzlyk basmarlan, dartgynlylygyň arasynda galan döwrümizde bizde – okyjylarda-da bolupdy. Ýaşaýşyň mazasy gaçypdy. Şahyryň ahwaly – okyjynyň ahwaly. Ýöne munuň özi – ýagny, owadan gussa çekmek asla ruhdan düşmek däl, beýle nepis

gussalarda gelejege bolan badalga bar. Gomlaryň juda pese düşensoň tam ýaly beýikliklere galkynyşy kimin.
Bu dünýä akyl ýetirip başlan ýaş ýigit dünýäniň aladalaryna, gowgalaryna haýran galýar. Onuň ululary̆ň dünýäsine aralaşasy gelýär. Ýöne ululary̆ň dünýsiniň onsuzam aladasy ýetik, gujak açyp garşylaýan ýok. G.Ezizowyň ulularyň dünýäsiniň gapysyny kakýan "Ýetginjegi" "Näme üçin meni goýberenoklar?" diýip serim-sal bolmaýarmy näme? Birwagtky gowgasyz, aladasyz çagalyk nähili hezil ekeni?! Ah, bigam çagalyk, başyňy sypalaýan hüwdüler, haýyr ýeňýän ertekiler… Indi bolsa sowuk ýeller penjeleýär, seni söýjek, aýajak adam seýrek, şol birwagtky ýalan ertekiler uly durmuşyň çynlaryndan has mähremm…

On sekiziň sowuk ýelem aýazly,
Ýeňil sere höküm edýär penjeläp.
Tapylsa-da, munda maňa "hä" diýjek,
Hiç kim meni söýüp bilmez sençeräk.
…
A:lda birmahalky çagajyk ýaly,
Ertekiň melekdir, jynlary bilen.
Diňlejek ol süýji ýalanlaryňy,
Çalyşma:n bu dünýäň çynlary bilen.
(M.Hudaýberdiýew "Seret, eje…")

Her hal her çaganyň gursagyna ezelden hem ozaldan romantikanyň, owadan arzuwlaryň çölüň göwsündäki gaz känlerinden hem köp gory guýulýar. Ömür ötdügiçe, ol arzuwlaryň gory her kimde dürli derejede azalýar. Bu gor adamyň ýaşlyk ömrüni uzaldýar. Näçe uzaga gitdigiçe, şonça öz eýesini owadan görkezýär. Her bir arzuw diňe ýetiläýinçä, öz eýesiniň ganatydyr. Uly, owadan hem ýagşy pälleri, närseleri arzuw etmek gerek. Häzirlikçe, ýürejigini sözläp, ilkinji zerurlyklary – öýjagaz hem ulagjyk edinmekligi arzuw edýän liriki gahryman diňe şular bilen çäklenmäýedir:

Hem arzuw ederin: Yşk meýin içip –
Bagtyň jalasyna ezilmekligi,
Ak şäheriň bir ujundan kiçijik

Öýjagaz hem ulag edinmekligi.
(M.Hudaýberdiýew “Duýgy”)

Şeýle goşgulary ýaş aýratynlyklaryny talyplara öwredýän pedagoglar, psihologlar peýdalansa, okuw-terbiýeçilik işiniň bähbidine bolardy. M.Mätgurbanowyň “Ötäünç” atly goşgusyny hem şeýle goşgularyň hatarynda goýmak bolar. Mähriban höwürtgesinden – obasyndan uçurym bolup uçan ýaş ýigit uzak ýerlere, entek özi üçin näbelli hem garaňky ýerlere “ham hyýallaň söbügini sydyrdyp” ugraýar. Başda niçe gowga bar: ertirim neneň bolar, tutan maksadymdan myrat taparynmy, yzda goýup gaýdan mähribanlarym neneňkä, ol mähribanlarymyň özüme bolan ynamyny ödäp bilermikäm?…

Ham hyýallañ söbügini sydyrdyp,
Däde, sizi taşlap gidýän ençe gün.
Mellekdäki ownuk-uşak hysyrdyñ,
Bilýän, bir özüñe ýokuş degjegin,
Goýbermeli däldik diýip igener,
Ejem çaý başynda, her gün azanda.
Wah, nätjek, Ene-dä göresi geler,
Hem bildirmän aglar çörek gazanda.
…
Belki, başarmaryn şahyr bolup-da,
Mümkin ylhamymam juda ir sowlar,
Başym ýaşlyk edip, bela ýoluksa,
Ynamyn puç etsem Mätgurbanowlañ.
(M.Mätgurbanow “Ötünç”)

Çörek gazan wagty töweregine bildirmän aglaýan asylly enäniň keşbi hakydalarda galar, elbetde.
Maksadyň goşgularyna mahsus ýagdaýlaryň biri örän uzak bolsa-da, setirlerden setire, hatda bentlerden bende geçip gidiberse-de, ýadatmaýan, täsiri peselmeýän, seni barha öz ahwalyna tarap alyp gidýän şahyrana sintaksisiň bolmagydyr. Aslynda, şahyrana sintaksis her bir şahyryň iň bir üns bermeli ýagdaýlarynyň biri. Pikirleriň juda sada hem gönümel gurluşda, tertipde beýan edilmegi şygryň akgynlylygyna, owazlylygyna,

aňlara ýetişine oňyn täsir edip bilmez. Baş hem aýyklaýjy agzalaryň şahyrana inwersiýasy awtoryň ussatlygyny talap edýär. Sebäbi diňe bir şahyrana dilde däl, eýsem, janly gepleşikde-de adamlar dogry gepleşik stilinde gürlemeýärler. Aşakdaky mysalda bir sözlem bar. Sözlem näçe uzak-da bolsa, başdan aýaga çenli logiki yzygiderlilik sypdyrylmandyr:

Bu ahwala artyk taryp gerek däl –
“Bu gün gijäñ gözelligne göz degen!”
Diýmek, onda möwç urup päk, sadalyk
Howasyna garylyp gyş paslynyñ,
Dar gursagy gabanmakdan o:t alyp,
Ýary gije ölläp gury ýassygyn,
Çekip ýene ýok zatlaryñ azaryn,
Gümanlar köşgüne saçyp nur, ýalkym
Ryswa edip hak yşkymyñ azabyn,
Aglapdyr bagtym…
(M.Hudaýberdiýew “Ahwal”)

Käbir söz düzümleriniň ulanylyşy pikirlendirýär. Aşakdaky mysalda “çal gara ýorgan” we “gara iller” söz düzümleri degişli manyny berip bilermikä?

…Ýat şäher çal gara ýorganyn orap,
Siñeninde gursagyna iñrigiñ,
Gara iller ümsümlikde meýmiräp,
Irkilende süýji düýşe imrinip,
(M.Hudaýberdiýew).

Gara reňk şol bir wagtyň özünde çal bolup bilermi?! Belki, ikinji söz düzüminde awtor “gara” sözüniň gadymy uly hem beýik manysyny ulanjak bolandyr. Hakykatdan-da, “gara” sözi gara öý, gara dogan, gara deňiz söz düzümlerinde reňk manysynda däl-de, uly manysynda gelýär. Ýöne okyjylar köpçüligine nätanyş sözleri juda seresap hem ýerlikli ulanmak zerur.
Şahyra okumyşlyk zerur. Aýratynam, ýaş şahyrlara. Onuň ylym-bilimi, dünýägaraýşy baý boldugyça, goşgularyň tematiki hem ideýa örüsi has giňäp gider. Ýaşlarda öz dünýägaraýşyny

giňeltmek baradaky höwes biçak uly.

Maýyl bolup mukamyna Mosartyñ,
Garşy alar, bilýän ýaly geljegmi,
Tanyş ýodalary “Graždan Şorsuñ”.
(M.Hudaýberdiýew)

Ýöne ýene-de, söz düzümleri bilen bagly bolşy ýaly, ylymly-bilimli görünmek üçin däl-de, hut şeýle bolandygyň üçin bu uly manylary aňladýan sözler ulanylsa, olar goşgularda has tebigy ýaňlanýar.
M.Hudaýberdiýewiň Watana bagyşlanan goşgusynda G.Ezizowdan çeper täsirlenme bar. Munuň özi gönümel täsirlenme bolman, birwagt kalbyňa siňen bir ýakymly aýdymyň özboluşly owaz bolup, täzeden ýaňlanmasy bolup biler.

Baky uka gitsem bir gazaply gyş,
Seň goýnuňda ýatmak miýesser etsin.
(G.Ezizow “Topragym”)

Del topraga dözmen şirin janymy,
Ýitsemem, bir señ goýnuñda ýiterin.
(M.Hudaýberdiýew “Watan”)

Ýöne bu bir gaýtalama ýa öýkünme däl-de, çeper täsirlenme we M.Hudaýberdiýewiň liriki gahrymany Watanyň goýnunda entek-entekler ýaşamak, döretmek, gurmak isleýär.

Häzirlikçe bolsa, müñ azap ýuwdup,
Sebäp gözlemerin gama batmaga.
Çünki seniñ şu mukaddes goýnuñda
Ýaşap ýörmekligem uly bagt maña.
(M.Hudaýberdiýew “Watan”)

Eger pikir şol durşuna gaýtalanman, ösdürilýän bolsa, munuň özi çeper täsirlenmedir. Adamzadyň bitewi bir göwredigine görä, umumadamzat hakydasynyň ýaşaýandygyna görä, çeper täsirlenmä düşmedik ýekeje şahsyýetiň hem ýokdugy baradaky pikiri ylmy kesgitleme hökmünde emgenmän nygtap bileris.

Dünýäde şygryýetiň atasy hasaplanýan Gomeriň eserlerinden öň hem “Iliada” we “Odisseýa” eserleriniň sýužeti baradaky şygyr eserleri, rowaýatlar, aýdymlar bar ekeni. Şygryýetiň atasynyň uly hyzmaty bulary bir ýere jemläp, bitewi bir poema görnüşine salanlygyndan ybarat. Pars-täjik şygryýetiniň Adam atasy hasaplanýan Rudaky özünden öňki ençeme şahyrlardan täsirlenipdir.
Şahyr kalbyny açmaly. Ol “soňkulara ýadygär goýmak üçin, köňle geleni taraşlap şaglatmasa” (Magtymguly), “adamzatdan ýüz görmän, ýagşa ýagşy, ýamana ýaman diýmese” (Kemine), bagtyýar bolup bilmez. Ýaş şahyr M.Hudaýberdiýewiň ejesine ýüzlenip ýazan goşgusynda (umuman, ejä ýüzlenilip ýazylan goşgular Maksatda kän) onuň öz ykbalyny – gelejegini näme bilen baglaýandygy anyk nygtalypdyr. Ömür hemme närselerden öň ýaradylan Galama bagly:

Goý, bolsam bolaýyn razy men,
biri
Ýeke söz üstünde akly azanyñ.
Dertlem bolsam, barkam aýatda diri –
Men ÿazaryn,
men ýazaryn.
ÝAZARYN.
(M.Hudaýberdiýew “Ejeme”)

“Zehin eneden” diýlişi ýaly, şahyryň öz döredijilik ömrüniň patasyny enesine ýüzlenip almagynda-da many bar.
Watan hakynda öz sözüni aýtmaga ymtylýan ýaşlarymyzyň biri M.Mätgurbanowyň Watana bolan söýgüsi juda aňyrdan gaýdýar. Ine, şu “juda aňyrdanlygy” ilden başgaçarak edip aýdaýmakda iş bar. M.Mätgurbanowyň goşgusynda çuňlukdan gaýdan ýyllaryň ýeli ýolunardan has berk, gahrymanynyň ýaýlalara ýaýylyp ýatan köki bar, ata-babalary hökümdar bolmasa-da, sähralar oňa miras galypdyr, şahyr Watany başa täç ederden özüni kiçi saýýar, şonda-da, başardygyndan ata-Watanyň adyny wasp edip gitmekçi… Bu pikirleriň şahyrana ýaňlanyşy has täsirli:

Has çuñlukda ýyllañ ýeli ýolardan,

Ýaýlalarña ýaýlyp ýatan köküm bar.
Bu sährälar miras maña olardan,
Atam, kakam bolmasa-da hökümdar.
…
Seni täç ederden, kiçidir serim.
Beýik sen, men ýalyñ beýgelderinden
Her niçik, adyñy ýazyp giderin,
Öz elimiñ yetip bilen ýerinden.
(M.Mätgurbanow “Watan”)

Şu ýerde getirilen ikinji bentdäki “men ýalyň” söz düzümi durşuna asylly hem owadan ýaňlanýan goşguda ýakymsyz täsir galdyrýar. Şahyr goşgularynda ozaly bilen halky gepleşikden ugur alsa gowy. Halk arasynda bolsa “sen ýaly”, “men ýaly” söz düzümleri ynsan mertebesini birneme kemeltmek üçin ulanylýar. Mysal üçin: “Sen ýalyňam bir gepi bormy”, “Men ýaly ygyp ýören kändir-le dünýede”… Öz mertebäňi kemsitmeklik, edil öz-özüňi hondanbärsi tutmaklyk bilen deň derejede ýakymsyz we bu ýagdaý ezelde başyna täç geýdirilen ynsanyň kiçigöwünliligini asla aňlatmaýar. Aýratynam, şahyryň howalasy belent bolmaly.
A.Çaryýewiň goşgulary babatynda nygtaýşymyz ýaly, häzirki ýaşlaryň döredijiliginde G.Ezizowyň egindeşleriniň, döwürdeşleriniň özboluşly tagamy duýulýar. Şol döwrüň batyrgaý şygyr gahrymany, günbatar hem gündogar şygryýeti bilen türkmen nusgawy edebiýatynyň sintezinden dörän täsirli täze bir ýörelgeler, täze gahrymanlaryň, täze galyplaryň dyngysyz gözlegi, öz şygyrlaryňyň ile gerekligine bolan ynam, nämedir bir zatlary miras goýmaga bolan isleg, özüňi başybitin şygryýetiň mülküne bagş etmek, şygryýete ömrüň manysy hökmünde seretmek… Garaz, çalymdaşlyklar gaty kän we biz – okyjylar, şol döwürde bolşy ýaly, täze bir Söze garaşmaga hakly.
Eýýäm il içinde adygan şahyr ýigidimiz S.Geldiýew “Men bir täze tolkun” diýip nygtaýar. Ýöne tolkun ýeke-täk bolup bilmeýär, oňa bat beren we ondan bat alan tolkunlar bolýar hökman. Şolarsyz tolkunyň tolkun hökmündäki manysy ýitýär. Şeýle-de bolsa, tolkunlaryň arasyndaky oýtaklara, has ýamany, deňziň tutuş dym-dyrs döwrüne gabat gelmeýändigiňiň özi uly

bagt. Ýaşlarymyzyň gomlara öwrülmäge ymtylýan täze Sözünde hut ýatlan döwrümizdäki uly gomlaryň täsiri duýulýar. Öz dostlaryna ýüzlenip, “Şatlygymyz, hasratymyz bir biziñ” diýip nygtaýan M.Mätgurbanowda-da G.Ezizowa juda çalymdaşlyk bar. Şahyr durmuşy otla meňzedýär, döredijilik dostlary bolsa petegi bir kupeden düşen hamrahlar. Hemme zat gowulyk ýalam welin, bu otludan her kimiň dürli ýerde, dürli wagtda düşüp galmalydygy, düşmeli wagtyň we ýeriň hem näbellidigi ýüregiňi gyýýar:

Şatlygymyz, hasratymyz bir biziñ,
Göwre başga, ýüregimiz bitewi.
Hemmämize şol bir ýerden düşüpdir,
Durmuş atly uzyn otlyñ petegi.

Ýöne kalby dilip geçýär bir zatlar,
(Ýaman zady oýlamalam däl weli)
Biz hemmämiz bile mündük bu otla,
Gün gelip, bir-birden düşüp galmaly.
(M.Mätgurbanow “Dostlaryma”)

Magtymguly Pyragynyň dünýäsi türkmen halkynyň dünýäsi bilen şeýle bir bitewileşen welin, indi käbir parasatly sözleriň, nakyllaryň, durnukly söz düzümleriniň, ganatly sözleriň aslynda halk döredijiliginden Magtymgula geçedigini, ýa-da, tersine, Magtymguludan halk döredijiligine geçendigini anyklaýmak kyn, hatda mümkinem däl. Goşgularyň halk arasynda tanalmagy üçin halk döredijilik eserleri bilen, umuman, halk bilen ýakyn bolmaklyk ilkinji şertleriň biri bolsa gerek. Ine, halk döredijiliginde “Hatarda ner bolsa ýük ýerde galmaz” diýen parasatly pikir bar. Entek durmuşda ýolunda öz ornuny gözläp ýören M.Mätgurbanow bu parasaty şeýle işläpdir:

Gujagyñda guzyñ bolup ýataryn,
Haýyş, erkeleme “Inerim” diýip.
Saña söz bermäýin, tutuş hataryñ,
Ýükün ýerde goýman bilerin diýip.
(M.Mätgurbanow “Ejeme”)

Öýlenmek, maşgala bolmak, ynsan neslini dowam etdirmek ynsanyň iň uly parzlarynyň biri. Magtymguly öýli-işikli bolmagyň aladalaryny birme-bir sanap geçenden soň, goşgyny "Pygamber sünnetin berjaý // Kylaýyn diýseň öýlengin" diýip jemleýär. Biziň gürrüňini eden şahyrlarymyzyň köpüsiniň öňünde şu mesele keserip dur. Hut özüňi gönüden göni tolgundyrýan mesele hakynda ýazanyňda, has täsirli bolýandygyny aňýan şahyrlarymyz bu meseleden sowlup geçmändirler.
Şahyr M.Mätgurbanowyň gahrymany hem özüne bir mynasyp taý gözleýär. Ýöne döredijilik adamsynyň göwni näzik hem ynjyk bolýar, dutaryň tary ýaly. Göwün gözlegiň gabat gelmese, öz dünýäňem dürli duýgulardan ýaňa, Lermontowyň ýalňyz ýelkeni ýaly, gaý-tupanda alakjaýan bolsa, bu ýagdaýlary agtyk küýseýän ejeňe nähili düşündirjek:

Sessiz turup gitsem, soñun diñlemän,
Ýognandyr öýtmegin ogluñ ýeñsesi.
Käbäm!
Meñ kakama meñzasim gelýär,
Hany nirden tapjak saña meñzeşi.
M.Mätgurbanow

Ene-atasy – gahrymanyň idealy. Onuň gelejekki ykbalynda kakasy ýaly bolasy, ykbaldaşynda ejesini göresi gelýär.
Birine ömürlik ýoldaş bolmak üçin ilki özüňi tanamaly. Öz dünýäsine düşünýän bolsa, gelejegini aýdyň görmegi, anyk meýilleşdirmegi başarýan bolsa, Mätgurbanow şahyr boljakmy?! Umuman, öz-özüňe tankydy göz bilen garamak, öz akyl-paýhasyndan, görk-görmeginden nägile bolmak uly durmuşyň bir gyrasyndan ýaňy äden ýaşlaryň köpüsine mahsus we munuň özi diňe bir özüňe kembaha garamakdan däl-de, özüňi çagalyk arzuwlaryňdaky ýaly kämil duýmak islegi sebäpli şeýle bolýar. Her hal uly ile hödür edýän goşgularyňda özüň hakynda çürt-kesik pikiri aýdaýmak aňsat däl. Eger şahyr iliň öňünde öz kemçiligini boýun alýan bolsa, bütin durky bilen özlügini açýan bolsa, bu onuň kämillige tarap, halk bilen iç döküşmäge tarap äden uly ädimidir. Bu diňe bir ýaşlygyň ýelgini däl.

Diňe beýikler özlerini ýigrenip bilýär, has dogrusy öz kemçiliklerini ýazgaryp bilýänlerden, öz üstünden gülüp bilýänlerden beýik şahsyýetler döreýär:

Ýassykdaş däl, ýürekdeş meñ geregim,
Tapmankam “öýlen” diýp igenmäñ, eje.
Meni her kim söýüp bilmez bir ömür,
Özümi özümem ýigrenýän, eje.
(M.Mätgurbanow)

Käte bolsa käbir awtorlar özüni, ömrüni, dogan-garyndaşyny owadanlap görkezmek isleýär. Käbir goşgularda bu pikir başga bir temalardan gürrüň edilende ýüze çykyp durýar. Men-menlik, öwünjeňlik edýänler, şöhrata, at-owaza kowalaşýanlar bilen özüne dogry baha berip, tankydy göz bilen garap bilýänleriň diňe ikinjisi şahyrdyr.
Yşkyň gory tükeniksiz, ol asla egsilmeýär. Dünýäde bir-birine meňzeş ýekeje adamyň ýoklugy ýaly, her kimsäniň yşkam özboluşly. Hasapsyz gezek gürrüňi edilse-de, bu mesele okyjyny ýadatmaýar. Bu temadan ýazsaň, ýüregiňi açsaň, okyjylaryň arasyndan hökman ýürekdeş tapynarsyň. Ine, M.Mätgurbanow (şahyryň hut öz kalbyny açýan goşgularyndaky “mene” liriki gahryman diýen bolmak dogrumyka?!) söýginiň hatyrasyna özi bilen bir ýola gelmedik gyzyň bagtly bolmagyny dileýär, oňa şeýle bolmagyň ýollaryny öwredýär: Sen “has gowy ýigit gabat geler” diýip göwünlik berýän joraňa ynan:

Sen joraña ynan,
“Entek öñüñden
has gowsy çykar” diýp, göwnüñ göterse.

Bent awtoryň öz-özüne eden remarkasy bilen dowam edipdir:

(Adam bagtsyz bolýar, iñ gowy günleñ
Geçip gidenine akyl ýetirse…)

Täsirli dälmi?! Sen meniň bilen bagtlydyň, ýöne gelejekde bagtly bolmagyň üçin menli günleriň geçenine akyl ýetirmäweri. Awtoryň beýleki goşgularynda ýaly, bu goşgynyň hem tutuş

dowamynda awtoryň hörpi (diňe şahsyýetlere mahus özboluşly hem belent aýratynlyklaryň jemini aňladýan “pafos” sözüni türkmençe “hörp” sözi bilen aňlatmak dogry bolsa gerek) peselmeýär:

Ýazgyt meňzeş daşa,
ýuwup gözýaşa,
Pozup bolmaz oňa ýazlan ykbaly.
Ýa sen men ýanyňda bar ýaly ýaşa.
Ýa…
ýaşa hiç haçan bolmadyk ýaly!..
(M.Mätgurbanow “Soňky söz”)

M.Mätgurbanowyň liriki gahrymanynyň gyz bilen gatnaşygy çylşyrymly bolsa-da, şygyr bilen bagry badaşan. Ol gelejegini şonsuz göz öňüne getirip hem bilmeýär we munuň özi onuň başga temalardan, hut söýgi temasyndan ýazan goşgularynda-da ýüze çykyp dur.
Durmuş hakykatyny obrazly, göçme manyda aýdyp bilmek şygryýetiň iň bir täsirli taraplarynyň biri. Şahyr ynsan, halk, jemgyýet bilen bagly dürli meseleleri, kemçilikleri, kynçylyklary göçme manyly hadysalar, wakalar bilen açanda hem gyzykly, hem täsirli bolýar. Durmuşda gabat gelýän onlarça şeýle pursatlar umumylaşdyrylýar:

Gür baglykda gyzan bazar sabapdyr,
Bütin barlyk ümsüm indi lal ýaly.
Durna gitse gamlanmaga sebäpdir,
Begendirmez gargalaryň ga:lýany.
(M.Mätgurbanow “Güýz duýgulary”)

Makalanyň soňunda ýaşlaryň döredijiliginiň käbir aýratynlyklaryny nygtamak zerur. Ine, olaryň täsirli deňeşdirmelerinden mysallar:

Ykbal şäher içi awtobus däldir,
Bir gitsem yzyma getirmez meni.
(M.Mätgurbanow “Hoşlaşyk”)

(M.Mätgurbanow N.Rejepowyň “Durmuş Nobatguly däldir ezizim” diýen setirlerini şu goşgy üçin öňýazgy alypdyr)

Asmana atygsap ganaty gyrlan,
çaga guşuň armany dek arzuwym.
(A.Çaryýew, “Säwlik”)

Durmuşy başyma geýen dek çöwre…
M.Hudaýberdiýew

A sen bolsa, meň halymdan bihabar
Bir goşga öwrülip ýatansyň, dünýâm…
Ne birden batlandy bu ýürek-damar,
Nurly Güne meňzäp – oýandyň öýdýân?!
(M.Hudaýberdiýew “Duýgy”)

Ýaşlar bogun sanyna üns bermeli. A.Çaryýewiň aşakdaky goşgusynda 7 hem 8 bogunly setirler garyşypdyr:

Üzülipdir, düwün ýok,
Arzyma kän, sözüm ýok,
Saňa dözüp bilemok,
Sen ýalançy diýer ýaly.

Indi haýp “günäm geç”-iň,
Uzaklarda galdy göçüň,
Meň ýüregim seniň üçin,
Duralga däl geler ýaly.
(A.Çaryýew, “Gyz haty”)

Şahyryň baýlygy – söz. Halkyň söz baýlygyndan peýdalanyp, ýöne örän ýerlikli hem inçeden çemeleşip, söz goruňy artdyrmak zerur. Şu çerde ýaş şahyrlaryň ýerlikli ulanan sözlerinden birniçe mysal getirýäris:

Göz ýaşlamdan ýeňil geler barlygyň,
Mizan goýup özüň bilen deňeseň.
(A.Çaryýew “Gyz ahmyry”)

Aýralygy gowa ýorup bilmedim,

Näçe ýan bersem-de optimizme.
(A.Emelowa)

Şeýdip, ömri ortaladyk çak bilen,
Sen meň üçin eýelenen post ýaly.
(M.Gurbanow)

Berkaralyk döwrüniň ýaş şahyrlary bir-birek bilen ýakyn gatnaşykda. Olar – döwletimiziň dürli künjeklerinden bolan ýaşlar bir-birek bilen goşgulary paýlaşýarlar, goşgularyň hili barada gyzgyn jedeller edilýär. Munuň özi poeziýanyň gaýnap, datly hörek bolup ile ýaýylmagy üçin bir gyzgyn gazandyr. Bir şahyryň döredijiligi barada näçe köp pikirler, bellikler aýdylsa, şol şahyryň kämilleşmegi üçin şonça gowy. Guwanmaly ýeri, bu ýaşlar bellikler, teklipler üçin açyk, olary derman ýaly kabul edýärler. Munuň özi olaryň kämillik ýolundadygyny aňladýar. Bu ýagdaýyň ömürboýy şeýle dowam etmegini arzuw edýäris. Sebäbi kämilligiň çägi ýok. “Men kämilligiň aňrybaşyna çykdym” diýýän nokady, “Meniň şygyrlarym bellik aýdardan ýokarda” diýen güni şahyryň döredijilik ömrüniň patasydyr.
Umuman, şahyr üç heserlenmäniň täsiri bilen şygyr döredýär.
Birinji heserlenme: şahyryň hut öz başyndan geçiren wakalarynyň, özi, öýi, maşagalasy, ýary bilen bagly ýagdaýlaryň täsiri bilen dörän goşgular. Ýaşlaryň agramly bölegi hut şuňa daýanyp ýazýar we bu ilkibaşda şeýlerägem bolmaly. Ömürboýy diňe şu birinji heserlenmäniň täsirleri bilen goşgy ýazanlary diňe ýakyn adamlary, golaý-goltumlary tanar.
Ikinji heserlenme: özüniň däl-de, başgalaryň durmuşynyň, kynçylyklarynyň, söýgüsiniň, aladalarynyň täsiri bilen döredilen goşgular. Diňe şu ikinji heserlenmäniň täsirleri bilen ýazan şahyrlary döwürdeşleri tanar.
Üçünji heserlenme: halkyň, il-günüň, jemgyýetiň, dünýäniň, älemiň, ikinji dünýäniň aladalary bilen dörän goşgular. Üçünji heserlenme bilen ýazylan goşgularyň awtorynyň ady taryha ýazylar.

Ikinji heserlenme birinjini, üçünji birinjini hem ikinjini özünde aňlatmaga ukyply. Ýaşlaryň ýüregindäki uçgunyň köräp-köräp üçünji heserlenmä ulaşyp gitmegini arzuw edýäris.

Baýram AKATOW. Edebi tankyt